# Ýaşa dünýäni gujaklap

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ýaşa dünýäni gujaklap ÝAŞA DÜNÝÄNI GUJAKLAP!



*«Bu dünýä tutdurmaz…»*
***Magtymguly.***
Aýyr eliñi,
Eliñi aýyr!

Aýyr eliñi,
Eliñi aýyr!
Gysymlama bu dünýäni,
Gysymña sygmaz barybir!
Gapyl adam, gel unutma,
Togalak ahyr bu Ýer!
Aýyr eliñ, gysymlama,
Sypar eliñden barybir!
Ýer sermeme, tur, ýapyşma,
Tur sen ör boýuña, dik dur!
Öz boýuñy boýnuña al.
Öz sesiñi boýnuña al.
Mys-mys gülme,
Gül jak-jaklap!
Gysymlama bu dünýäni,
Ýaşa
Dünýäni
Gujaklap!

* * *

Men bir – derýa, sen – deñiz.
Gomlaryñdyr – gollaryñ.
Nowgülüm, goýma ýalñyz,
Billeriñdir – sallarym.

Men bir jahyl, sen – jahan,
Zülpleriñdir – tümleriñ.
Gabak galdyr kä mahal,
Emleriñdir – ümleriñ.

Hem mähek sen, hem melek,
Ýazlaryñdyr – näzleriñ.
Sensiz dünýe nä gerek?!
Meniñ dünýäm – gözleriñ.

* * *

Posalar, siz, posalar,

Ýapraklaryñ şelpesi.
Posalara buýsanar,
Aşyklar jemendesi.

Ah, humarly posalar,
Göwnümi aldamagyn.
Sizi maña goýsalar,
Hem ýaryñ al ýañagyn.

Siz bilen ýar almasyn,
Ne doýdum, ne ýuwutdym,
Posalar oýunçysyn,
Üç oýundan bir utdum.

Ýar zülpi dek gijäniñ,
Gara şaly solmasyn.
Maña düşen bijäniñ
Hemmesi posa bolsun.

Güýzde giden posalar,
Düşsün durnañ perinden.
Gel, posa ber söwer ýar,
Tä geçinçäm serimden.

Babba GÖKLEŇ. Goşgular